# «Goşgy» keseli

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Goşgy" keseli «GOŞGY» KESELI

Bilen günüm –
Ýokdugyny enemiñ,
Maña bir «kesel» degdi.
Şol «keseliñ» azaryna çydaman,
Samrapdyryn,
Çyrşapdyryn,
Iller oña «Goşgy!» diýdi…

Düşen günüm –
Bir gözeliñ yşgyna,
Huşumy ýitirip, çaşypdyr başym, –
Ýagdaýym agyrmyşyn.
Samranmyşym,
Aýdanmyşym bir zatlar, –
Şolar – deñ-duşlaryñ diýmegne görä,
Şygyrmyşyn…

Muña hiç kim gelmän ekeni baky:
Mähriban atamy ýerlesem bir gün,
Bir günem…
Üç aýlyk söwer oglumy
(Öwez ogul diläp)
Ýerledi il-gün…

Şondan soñ köpeldi ýalñyz oturmam…
Ýykylan dek bolup bir bet eşekden.
Señselände –
Dolan ekeni içim,
Birhili gaýgyly-gussaly gepden.

Ýazyp goýdum gözýaşyma batyryp,
Men olary bir çydamly kagyza.

Ony bir gün çap etdiler gazetde,
Ýokarsynda bir ýalňyz söz «Poeziýa».

Atam barka,
Diňläp çyrşanlarymy,
Diýrdi: «Şükür, ölenmiz ýok, ajyndan!
Senem höwrügäýsäň nädýär ýer bilen,
Çörek iýenmiz ýok galam ujundan…»

Ynansam-da sözlerine atamyň
Goşgyny ýanymdan kowup bilmeýän.
Onsoň… aşa begensem ýa gynansam, –
Goşgy bilen «keselleýän»,
Ýöne şükür, ölmeýän…

Gurbanýaz DAŞGYNOW. Goşgular